# «Güneş bilen ýazdan dörän…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Güneş bilen ýazdan dörän…" «GÜNEŞ BILEN ÝAZDAN DÖRÄN…»




Güneş bilen ýazdan dörän,
Arasynda ýürek erän,
Depesini şugla bürän,
Bagym, ömrüñ uzak bolsun!
Oglanlykda yşga dözen,
Aýralyga-gyşga dözen,
Ýada düşüp köñli bozan,
«Çagym» ömrüñ uzak bolsun!

Gülende gülki ýaraşan,
Sulhuma sulhy ýaraşan,
Gijeler ýatman garaşan,
Ýarym ömrüñ uzak bolsun!

Sag gezip ýörsün başlary,
Ýaza öwürer gyşlary,
Öýüñ bilibili – guşlary,
Barym ömrüñ uzak bolsun!

Erkin akar, nädeli biz,
Gamly bakar, nädeli biz,
Ýaksa ýakar, nädeli biz,

Çogum, ömrüñ uzak bolsun!

Söýgüsinden gül yranan,
Serhoş bolup ýel yranan,
Waspyn tapman dil yranan,
Ýazym, ömrüñ uzak bolsun!

# «Ejizlik etme köñlüm», Aşgabat-1993. Goşgular